# Türkmenistan

Konstitusiýa din azatlygyna kepil geçýär we hiç bir dini “döwlet dini” diýip, ykrar etmeýär; eýsem-de bolsa, hökümet iş ýüzünde raýatlaryň dini ybadatlary erkin ýerine ýetirmek hukugyny çäklendirmegini dowam etdirýärdi. Kanuny jähetden ykrar edilmegi üçin, ähli dini toparlar Adalat minstrliginde bellige alynmalydyr; bellige alynmadyk dini toparlaryň işleri bikanundyr we administratiw suratda jezalandyrylyp bilner.

Hasabata degişli döwür içinde hökümet adatça din azatlygy babatyndaky çäklendirmeleri amala aşyrýardy, emma hökümetiň din azatlygyna hormat goýmagy jähetinde az-owlak öňe gidişliklerde bolup geçdi. Eýsem-de bolsa, öňki hasabata degişli döwürdäki ýaly hökümet tarapyndan bellige alnan we alynmadyk käbir toparlara azar berilmegi dowam etdirilýärdi. Hasabata degişli döwür içinde öňki prezident Nyýazowyň kitaby bolan “Ruhnamanyň” orny peselip, oňa barha az ýüzlenilýärdi. Şu döwürde Birleşen Milletler Guramasynyň Din we ynanç azatlygy boýunça ýörite hasabatçysy iş sapary bilen bu ýere gelip gitdi. Şeýle-de bolsa, birnäçe dini topar özüni bellige aldyryp bilmän galdy, şonuň ýaly-da hökümet bellige alnan toparlaryň emläk edinmek, dini materiallary çap etmek ýa daşary ýurtdan getirmek, daşary ýurtly myhmanlary kabul etmek, şeýle hem wagyz etmek mümkinçiligini çäklendirdi. Ýegowa Şaýatlary babatynda basgynlaryň amala aşyrylandygy we esassyz ýere tussag edilmegiň amala aşyrylandygy barada habarlar gelip gowuşýardy. Şeýle hem, hökümet dini düşünjesine görä harby gullukdan ýüz öwürýän Ýegowa Şaýatlaryny tussag etmek, soraga çekmek we türmä salmak ýaly işlerini dowam etdirýärdi.

Dini degişliligi, ynanjy ýa ybadat görnüşi esasynda jemgyýetçilik ýazgarmalaryň ýa sütemleriň amala aşýandygy barada hiç hili habar gelip gowuşmady. Hökümet, sünni musulmanlar bilen Ortodoks hristianlar bolaýmasa, Din işleri boýunça geňeşiniň üsti bilen dinleriň arasynda düşünişmekligi ýa gepleşikleri ýola goýmak üçin, dile alarlyk iş etmedi. Ilatyň aglabasy özlerini musulman dininiň sünni mezhebine degişli hasap edýär; ýerli halkyň düşünjesinde “türkmen” sözi “musulman” diýmegi aňladýar. Bu ýeriniň ilaty taryh boýunça dürli dine ynanýan adamlardan ybarat bolansoň, türkmen jemgyýeti beýleki dinlere degişli adamlara sabyrly çemeleşýär; şeýle-de bolsa, başga dine geçenlere, aýratyn-da bu ýerde az tanalýan protestant toparlara geçen türkmenlere şübhe bilen garalýar, kähalatda bolsa olardan gaça durulýar.

ABŞ-nyň hökümeti özüniň ynsan hukuklaryny durmuşa geçirmek boýunça umumy syýasatynyň bir bölegi hökmünde Türkmenistanyň hökümeti bilen din azatlygyna degişli meseläni-de ara alyp maslahatlaşýar. Hasabata degişli döwür içinde ABŞ-nyň Türkmenistandaky ilçihanasynyň, şeýle hem ABŞ-nyň Döwlet departamentiniň işgärleri ýerli hökümet işgärleri bilen duşuşuklarynda din azatlygy meselesini galdyrýardylar we din azatlygyna has köp goldaw berilmegini talap edýärdiler. Hasabata degişli döwür içinde Ilçihana bellige alnan we alynmadyk azlyk dini toparlar üçin iki gezek “tegelek stol” geçirdi. Türkmenistanyň hökümetiniň haýyşy bilen ABŞ-nyň hökümeti 2003-nji ýylda çykan Din baradaky kanun babatynda garaşsyz analiziň geçirilmegini maliýeleşdirdi.

## I bölüm. Dini demografiýa

Bäş million ilaty bolan bu ýurduň tutýan meýdany 188,457 kwadrat mile barabardyr. Ilatyň dine degişliligine görä ýerleşişi barada hiç hili statistik maglumat ýok. Hökümet tarapyndan geçirilen iň soňky ilat ýazuwyna (1995 ý.) laýyklykda ilatyň 100-den 77% türkmendir. Az sanly milli toparlar özbekleri (9,2%), oruslary (6,7%) we gazaklary (2%) öz içine alýar. Galan 5,1 %-i bolsa ermeniler, azerbaýjanlylar we beýleki milletleriň wekilleri düzýärler. Iň uly din yslam dininiň sünni mezhebidir. Rus Ortodoks hristianlary bolsa iň uly dini azlyklary düzýärler. Diniň hökümlerini bolmalysy ýaly ýerine ýetirýän adam sany belli däl.

Ýurt garaşsyzlygyny alandan soň, berk gözegçilik astynda bolsa-da yslamyň janlanmagy amala aşdy. Din edarasynyň berýän maglumatlaryna görä, sowetler döwründe ýurtda diňe dört sany metjit hereket edýän eken; hasabata degişli döwrüň ahyrynda bolsa olaryň sany 398-e barabardy. Türkmenler, özbekler, gazaklar we Mary welaýatynda ýaşaýan buluçlar sünni mezhebine degişlidirler. Ýurtda az sanly şaýy musulmanlary-da bar; olaryň aglabasy Eýran bilen serhet ýakasynda ýa Türkmenbaşyda ýaşaýan eýranlylar, azerbaýjanlylar we kürtlerdir.

Hökümetiň çäklendiriji gözegçiliginiň, ýerli yslam medeniýetiniň we 70 ýyllyk sowet agalygynyň netijesinde aňyrdan gelýän metjit-medreseli yslam jemgyýetde agalyk ediji ornuny ýitiripdir. Ýerli halkyň yslam baradaky düşünjesinde adamyň dogulmagy, öýlenmegi we dünýäden ötmegi, aýdym-sazdyr tans etmegi ýaly düşünjeler bilen baglanyşdyrylan däp-dessurlara uly orun berilýär. Diniň hökümlerini has düýpli tutýan musulmanlar bu düşünjäni makullamaýarlar. Ýerli halkyň yslama uýmagy günde bäş wagtyna namaz okamak däl-de, öwlüýälere zyýarata gitmegi-de öz içine alýan bu däp-dessurlary ýerine ýetirmek arkaly amala aşýar.

1995-nji ýylyň ilat ýazuwyna laýyklykda oruslar ilatyň 7 %-ni düzüpdirler; eýsem-de bolsa soňky döwürde olaryň Orusýete we başga ýerlere göçüp gitmekleri bu gatnaşygyň barha azalmagyna alyp barýar. Oruslaryň we ermenileriň aglabasy hristiandyrlar. Hristian oruslar, adatça, Rus ortodoks kilisesiniň (ROK) agzalarydyr. Ýurtda 13 sany ortodoks kilisesi bar. Olaryň üçüsi Aşgabatda ýerleşýär. Aşgabatda ýaşaýan ruhany ýurtdaky ähli ROK-a ýolbaşçylyk edýär. 2007-nji ýylyň oktýabr aýynda hökümet Türkmenistandaky ROK-yň Özbegistanyň paýtagty Daşkentde ýerleşýän Orta Aziýa ROK-larynyň ýeparhiýasynyň tabynlygyndan aýryp, Moskwa patriarhatynyň tabynlygyna geçirmek barada gepleşiklere başlady. 2008-nji ýylyň maý aýynda Prezident Berdimuhammedow bilen ROK-yň resmi şahslarynyň arasynda bolup geçen gepleşikler netijesinde Moskwa patriarhatyna tabynlyk resmi suratda amala aşdy. Aşgabatda bir monastyr bar, emma Rus Ortodoks seminariyasi ýok.

Oruslar we ermeniler bellige alynmadyk dini toparlaryň aglaba bölegini düzýärler; bu toparlaryň içinde türkmen milletinden bolan agzalaryň sany-da barha artyp barýar. Ýurtda aşakdaky bellige alynmadyk dini toparlar bar: Rim Katolik Kilisesi, Ýegowa şaýatlary, ýewreýler, şaýy musulmanlar, şeýle hem baptistler, harizmatik toparlar, pentekostallar we hiç bir topara degişli bolmadyk näbelli ýewangelik hristian toparlar.

Gelip gowşan maglumatlara görä Saragt şäherinde we onuň eteklerinde ýaşaýan az sanly nemesler Lýuterian dinine uýýarlar. Ýurtda takmynan 1.000 polýak ýaşaýar; olar doly diýen ýaly oruslaşypdyrlar we özlerini Rus Ortodokslary saýýarlar. Aşgabatdaky hem ýerli raýatlary, hem

daşary ýurtlulary öz içine alýan katolik jemagat Watikan nunsiýasynyň ybadathanasynda duşuşýar.

Çak edilişine görä, ýurtda ýewreý milletinden bolan 1000 adam ýaşaýar. Olaryň aglabasy II Jahan urşy döwründe Ukrainadan göçüp gelenleriň maşgala agzalarydyr. Türkmenabatda, Özbegistan bilen serhet ýakasynda Özbegistanyň Buhara şäherine ýanalyp, “buhara jöhütleri” ady bilen tanalýan birnäçe ýewreý maşgalasy ýaşaýar. Ýurtda sinagog ýa **rawwin** ýok. Şonuň üçin-de ýewreýler Ysraýyla, Orusýete, Germaniýa göçmeklerini dowam etdirýärler; eýsem-de bolsa ilatyň ýewreý topary kän bir üýtgemän galýar. Olaryň jemagaty dini ybadat üçin bir ýere üýşýär, emma olar dini topar hökmünde bellige alynmak islemeýärler.

## II bölüm. Hökümetiň din azatlygyna hormat goýşy
## Kanuny / Syýasy çarçuwa

Konstitusiýa din azatlygyna kepil geçýär we hiç bir dini “döwlet dini” diýip, ykrar etmeýär; eýsem-de bolsa, hökümet iş ýüzünde raýatlaryň dini ybadatlary erkin ýerine ýetirmek hukugyny çäklendirmegini dowam etdirýärdi. Kanuny jähetden ykrar edilmegi üçin, ähli dini toparlar Adalat minstrliginde bellige alynmalydyr; bellige alynmadyk dini toparlaryň işleri bikanundyr we administratiw suratda jezalandyrylyp bilner.

Jenaýat jemkanuny din azatlygynyň bozulmagyny ýa dini ybadat üçin yzarlamagy bikanun diýip, ykrar edýär; emma iş ýüzünde bu kanun ýerine ýetirilmeýär. 2004-nji ýylyň dowamynda hökümet 2003-nji ýylda kabul edilip, 1991-nji ýyldaky “Wyždan azatlygy we dini guramalar baradaky” kanunyň we onuň 1995-nji hem 1996-njy ýyllardaky düzedişleriniň ornuny tutan “Din” baradaky kanuna birgiden üýtgetme girizdi. 2003-nji ýylda kabul edilen Din baradaky kanun ähli dini guramalaryň bellige alynmagyny talap etmek bilen bellige alynmadyk guramalaryň işini jenaýat diýip kesgitledi, dini okuwy çäklendirdi, şeýle hem dini toparlara daşary ýurt çeşmelerinden gelýän maliýe we maddy ýardamlary gözegçilik astyna aldy.

2004-nji ýylyň ýanwar aýynda öňki prezident Nyýazow 2003-nji ýylda kabul edilen Din baradaky kanuna düzediş girizýän permana gol çekdi. Bu düzediş dini guramalaryň bellige alyş tölegini takmynan 178 amerikan dollaryna (2,5 million manada) çenli ýokarlandyrdy. Munuň üstesine-de bu perman Adalat ministrligini bellige alnan dini guramalaryň sanawyny metbugatda neşir etmek borjundan boşatdy. Metbugatda çap edilmändigi sebäpli, kanuny bellige alnan toparlar has üzňe ýagdaýa düşdüler, netijede bellige alnan toparlara azar berlende, jemagat jogap gaýtarmakdan ejiz gelýärdi. Şeýle hem, bu kanun Adalat Ministrligine takyk kesgitlenmedik aýyplama esasynda toparyň bellige alynmagyny süýrenjeňlige salmaga hukuk berýärdi.

2004-nji ýylyň martynda hökümet 2003-nji ýylda kabul edilen kanuna düzedişleri metbugatda neşir etdi. Bu düzediş guramanyň bellige alynmagy üçin agza sanyny 500-den 5 adama çenli azaltdy we ähli azlyk toparlary bellige alynmaga borçly etdi. Bu düzedişler dini jemagatlar üçin iki sany kanuny kategoriýany berkarar etdi: dini toparlar (azyndan 5-den 50-ä çenli agzasy bolanlar) we dini guramalar (azyndan 50 agzasy bolanlar). Bu üýtgetmeler kanunyň hökümetiň bellige alnyşy yza tesdirmegine mümkinçilik döredýän gowşak taraplaryna orun berýärdi.

Şol ýylyň mart aýynyň ahyrlarynda hökümet metbugatda neşir etmezden, ýerine ýetiriş buýrugyny kabul etdi we bellige alynmak isleýän dini toparlar üçin berk talaplary öňe süren ülňewi bir düzgüni hödürledi. Bu perman bellige alnan dini guramalara maliýe we hereket etmek babatynda çäklendirme girizdi.

Halkara jemgyýetçiliginiň gysyşy netijesinde Prezidentiň 2004-nji ýylyň maý aýynda çykan karary, mart aýynda metbugatda neşir edilmedik düzgüni, köpçülikleýin ýatyrdy we bellige alynmazdan, dini ybadatlary ýerine ýetireniň üçin, jenaýat jezasyny berkarar etdi. Häzirki döwürde hereket edýän Raýatlyk jemkanuny hökümete raýatlaryň dini durmuşyny gözegçilik astynda saklamaga we ähli dini toparlaryň işini çäklendirmäge mümkinçilik bermegini dowam etdirýär.

2004-nji ýylyň iýun aýyna çenli ähli derejedäki hökümet edaralary, şol sanda kazyýetler-de bu kanunlary resmi suratda bellige alnan ýeke-täk dinler bolan yslam dininiň sünni mezhebi bilen Rus Ortodoks hristiançylygyndan başga dine uýýan ähli adamlara garşy diskriminasiýa ulanyp bolýan bir terzde teswirleýärdiler. Dini toparlaryň bellige alynmagy üçin gerek bolan adam sanyny azaldan 2004-nji ýylyň mart aýynda çykan permandan soňky ýylda dokuz sany dini topar bellige alyndy: Türkmenistanyň Ýewangelik hristian baptist kilisesi, Türkmenistanyň Ýedinji gün adwentistleriniň kilisesi, Türkmenistanyň Bahaýy jemagaty, Hare Krişna jemagaty, Türkmenistanyň Pentekostal kilisesi, Gündogar ýalkymy kilisesi (Daşoguzyň Pentekostal kilisesi), Türkmenistanyň Beýik merhemet kilisesi, Halkara Mesih kilisesi we Türkmenistanyň Täze apostol kilisesi. Rus Ortodoks kilisesiniň Aşgabatdaky bölümi 2005-nji ýylda, Türkmenabatdaky bölümi bolsa 2006-njy ýylyň ýanwar aýynda täzeden bellige alyndy. Türkmenabatdaky “Ýaşaýyş çesmesi” kilisesi we Ahal welaýatynyň musulman jemagaty 2007-nji ýylyň ahyrynda bellige alyndy.

Din barada Geňeşiñ  beren maglumatyna görä, şaýy musulman toparlaryna bir gurama hökmünde toparlaýyn bellige alynmaga rugsat edipdirler. Din barada Geňeşiň başlygynyň orunbasary Gurbanow şaýylaryň bir gurama hökmünde bellige alnandyklaryny tassyklady, emma olaryň bellige alnan senesini aýtmady.

2005-nji ýylyň oktýabr aýynda hökümet ynanç hatyny almak arkaly dini toparlaryň welaýat bölümleriniň bellige alnyşynyň wagtlaýyn düzgünini yglan etdi. Adalat ministrliginiň işgärleri-de 2003-nji ýylda kabul edilen Din baradaky kanuna dini guramalaryň bölümleriniň bellige alnyşyny düzgünleşdirjek düzedişleriň giriziljekdigini aýtdylar, emma hasabata degişli döwür içinde bu amala aşmady.

Hökümetiň, 2003-nji ýylda kabul edilen Din baradaky kanuny täzeden işlemek arkaly din azatlygy babatyndaky öňki syýasatyny üýtgetmäge meýilleşderýändigi barada görkezijiler bardy, emma hasabata degişli döwür içinde bu kanuna täzeden garalmady. Hökümetiň haýyşy bilen ABŞ hökümeti tarapyndan maliýeleşdirilýän hökümete degişli bolmadyk bir halkara guramasy 2003-nji ýylda kabul edilen Din baradaky kanunyň derňewini gecirdi we **2008-nji ýylyň iýun aýynda tabşyrdy.** Bu derňew häzirki döwürde hereket edýän Din baradaky kanuny täzeden işlemek boýunça Türkmenistanyň hökümeti bilen ady agzalan DDB guramanyň amala aşyrýan taslamanyñ bir bölegi boldy.

Hökümete tabyn bolan Din barada Geňeş gös-göni prezidente hasabat bermek bilen döwlet edaralary we bellige alnan dini guramalaryň arasynda bir araçy hökmünde çykyş edýär. Ol sünni musulmanlaryň ymamlaryny we Rus Ortodoks kilisesini, şeýle hem hökümet işgärlerini öz içine alýar, emma onuň agzalarynyň arasynda azlyk toparlaryň ýekeje wekili-de ýok. Iş ýüzünde, Din barada Geňeş sünni musulmanlaryň we Rus Ortodoks kilisesiniň din hadymlaryny işe almak, ösdürmek we wezipesinden boşatmak ýaly işlere gönüden-göni gözegçiligi amala aşyrmak bilen hökümetiň bir goly hökmünde çykyş edýär. Şonuň ýaly-da ol ähli dini neşirlere we işlere gözegçilik etmekde uly rol oýnaýar. Onuň hökümleri howpsuzlyk güýçleri, aýratyn-da Içeri işler ministrliginiň altynjy bölümi tarapyndan durmuşa geçirilýär. Sünni musulmanlary bilen Rus Ortodoks Hristiýanlardan başga, onuň dinler arasynda gepleşikler geçirmekde hiç hili roly ýok.

Hökümet resmi suratda hiç bir dini goldamasa-da, täze metjitleri gurmak üçin, Din barada Geňeşna maliýe we beýleki goldawlary berýärdi. Şeýle hem, hökümet musulman din hadymlarynyň aglabasyna aýlyk töleýär, ähli ýokary wezipeli din hadymlarynyň işe bellenmegini tassyklaýar we olardan Din barada Geňeşna kadaly suratda hasabat berip durmaklaryny talap edýär.

Bellige alnan we alynmadyk azlyk dini toparlar ybadat etmek üçin jaý tapmakda kynçylyk çekýärler. Kanuny ýa hökümet tarapyndan döredilýän päsgelçilikler käbir dini toparlaryň ybadat ýa ýygnak geçirmek üçin üýşer ýaly uzak möhletleýin kireýne ýer ýa bina almaklaryny yza tesdirýärdi ýa-da öňüni alýardy. Käbir toparlar hökümet jaýlarynyň kireýne berilmeýändigi sebäpli, ýygnak geçirmek üçin hususy ýer eýelerinden ýer alyp bilendiklerini aýdýardylar. Bellige alnan we alynmadyk toparlar ybadat ýa okuw geçmek üçin hojalyk emläklerinden peýdalanmakda kynçylyk çekýärdiler. Ýaşaýyş jaýlarynda ybadaty gadagan edýän kesgitli kanun bolmasa-da, Ýaşaýyş jaý kodeksiniň 7-nji maddasy kommunal öýleri ýaşaýyşdan başga maksat bilen ulanmak bolmaýandygyny aýdýar. Bu jemkanun ýaşaýyş jaýynyň dini ybadat üçin ýygnanyşmak meselesine gös-göni ýüzlenmeýär. Hökümet işgärleriniň aýtmagyna görä, eger goňşular arz etmeseler, şeýle toparlara hususy jaýlarda ybadata rugsat edilýämiş. Eýsem-de bolsa, hökümetiň ilatly nokatlary etraplara bölmek kadasy ýaly syýasaty, şol sanda şäher häkimligi derejesinde-de alnyp barylýan syýasat-da ybadat etmek üçin jaý gözleýän käbir toparlar üçin kynçylyk döredipdir. Bellige alnan üç dini topara – Bahaýy jemagatyna, Krişna jemagatyna we Ýewangelik hristian baptist kilisesine – ýaşaýyş jaýlarda ybadat etmäge rugsat berlipdir, emma häkimiýetler Türkmenbaşy şäherindäki “Durmuş kelamy” ýaly bellige alynmadyk käbir toparlara kanuny bozýandyklaryny aýdypdyrlar. 2003-nji ýylda kabul edilen Din baradaky kanun dini toparyň bellige alnan ýerinden başga ýerde iş alyp barmagyny “bikanun” diýip, ykrar edýär.

Bellige alynmadyk dini toparlar we dini guramalaryň bellige alynmadyk şahamçalaryna dini iş alyp barmak, şol sanda ýygnanyşmak, dini materiallary ýaýratmak we ybadat etmek-de gadagandyr. Kähalatlarda hökümet edaralary bellige alynmadyk dini toparlaryň ýygnaklaryny dargadýardyrlar. Administratiw jemkanuna laýyklykda şol toparlara gatnaşýanlara jerime we administratiw (jenaýat däl) temmi berilýärdi. Aslynda, kimdir biriniň rugsat edilmedik, bellige alynmadyk işe gatnaşýanlygyna şübhelenilýän bolsa, onuň öýüniň dökülmegi, özüniň tussag edilmegi, dini materiallarynyň elinden alynmagy, paýyş sözler bilen kemsidilmegi, bikanun ýygnak geçirendigini boýun aldyrmak üçin, gysyş görkezilmegi, hatda, ýenjilmegi-de mümkindir.

Kanun daşary ýurtly missionerleriň ýurtda iş alyp barmagyny we daşary ýurtly dini guramalary gadagan edýär. Hökümet missionerlik işini alyp barmakda şübhelenilýän ýa alyp barmak niýeti bardyr öýdülýän daşary ýurtlulara wiza bermekden saklanýar. Kanun daşary ýurtlularyň ýerli dini toparlar bilen birlikde ybadat etmeklerini çäklendirmeýär.

Kanun boýunça dini edebiýaty neşir etmek gadagandyr. Şonuň ýaly-da daşary ýurtdan getirilýän dini edebiýat Din barada Geňeş tarapyndan tassyklanmalydyr. Diňe bellige alnan dini toparlar ýurt daşyndan dini edebiýat getirip bilýärler. Din barada Geňeş ýurda getiriljek edebiýatlary tassyklanda, ýurda getiriljek edebiýatyň sany dini guramanyň agzalarynyň sanyndan köp bolmaly däl. Aşgabat şäherindäki kitap dükanlarynda geçirilen gözlegleriň netijesinde elde bolaýmasa, kitap bazarynda Kur'anyň tapylmaýandygy ýüze çykdy. Eýsem-de bolsa, öýleriň aglabasynda Kur'an arap dilinde bar. Türkmen dilinde bolsa ol çäkli mukdarda bar. Diňe dini ýolbaşçylara din hadymynyň geýimini aç-açan geýmäge rugsat edilýär.

Hökümet musulman däp-dessurlarynyň käbir jähetlerini millet hökmünde öz-özüňi kesgitlemek ugrundaky tagallasynda ulandy, mysal üçin, hökümet Aşgabatda, Gökdepede, Gypjakda we Maryda uly metjitler gurdurdy, Köneürgençde-de bir metjit gurmak maksady bar. Musulman medeniýetiniň käbir jähetlerini ulanandygyna garamazdan, hökümeti daşary ýurtdan ýetip biljek yslam täsiri we ýerli möminleriň "yslam" düşünjesi alada goýýardy. Hökümet türkmen halkynyň dini we milli däp-dessuryna esaslanýan aram "yslam" düşünjesini öňe sürýär.

Öňki prezident Nyýazowyň "Ruhnama" kitabynyň roly aşak düşmegini dowam etdirýärdi, indi hökümetiň syýasaty bu kitaby wasp etmek däl.

Metjitler we musulman din hadymlary hökümet tarapyndan goldanýar we maliýeleşdirilýär. Rus Ortodoks kilisesi we beýleki dini toparlar özbaşdak maliýeleşdirilýärler. Hökümet sünni musulmanlaryň aşakdaky dini baýramlaryny resmi suratda belleýär: Oraza, Gurban we haj ybadaty tamamlanandan soňky üç gün.

1995-nji ýyla çenli kanun rugsat berýän-de bolsa, hökümet dini düşünjesi boýunça harby gullukdan boýun towlaýanlara alternatiw gulluk teklip etmedi. Türkmenistanyň Jenaýat jemkanunynyň 219-njy maddasynyň 1-nji bendinde harby gullukdan boýun gaçyrýan raýatlar üçin 2 ýyla çenli türme tussaglygy göz öňünde tutulandyr. Dini düşünjesi boýunça harby gullukdan boýun gaçyrýan adamlara söweşjeň bolmadyk bölümlerde gulluk etmek teklip edilýär, ýöne harby bolmadyk alternatiw gulluk berilmeýär. 2007-nji ýylyň iýun aýyna çenli Ýegowa şaýatlarynyň harby gulluga çagyrylan agzalary birnäçe günden soň hiç bir şikestsiz gaýdyp gelýärdiler, emma olara, işe girmek üçin gerek bolýan, harby gullukdan boşadylandygy barada hiç hili resminama berilmeýärdi. Eýsem-de bolsa, bu syýasat 2007-nji ýylyň iýunynda üýtgedi. Şonda harby gullukdan boýun towlaýandygy üçin, üç sany Ýegowa şaýady tutulyp, kazyýet jogapkärçiligine çekildi. Soň olaryň günäsi geçilip, olar barada şertli höküm çykaryldy. 2008-nji ýylyň noýabr aýynda işlerine garalan iki sany Ýegowa şaýadyna şertli ýagdaýda iş kesildi. 2009-njy ýylyň maý aýynda olaryň işine täzeden garaldy we harby gullukdan boýun towlaýandygy üçin, türme tussaglygyna höküm edildi. Şol ýylyň aprel aýynda aýry-aýrylykda işlerine garalan iki sany Ýegowa şaýady babatynda şertli höküm çykarylyp, olar her hepde polisiýany habardar etmek şerti bilen azatlykda galdyryldy. Şol ýylyň aprel aýynda aýry-aýrylykda işlerine garalan

iki sany Ýegowa şaýady babatynda şertli höküm çykarylyp, olar her hepde etrap polisiýany habardar etmek şerti bilen azatlykda galdyryldy.

Ýurtda käbir garaşsyz dini okuw bar hem bolsa, hökümet dini okuwy amala aşyrmaýar, orta mekdeplerde-de resmi suratda din sapagy geçirilmeýär. Hökümet ähli orta we ýokary okuw jaýlarynda “Ruhnama” sapagynyň okadylmagyny talap edýär. Eýsem-de bolsa, mugallymlar bu sapaklaryň sagat sanynyň ep-esli azaldylandygyny aýdýarlar. Bilim ministrligi her bir okuwçynyň hepdede bir sagat “Ruhnamany” öwrenmegini talap edýär.

2004-nji ýylyň noýabr aýynda kabul edilen kanunyň 6-njy maddasyna laýyklykda ene-atalaryň razylygy bilen çagalara sapaklardan soň hepdede dört sagat metjitlerde din öwretmäge rugsat edilýär. Din ugrundan ýokary okuw jaýlaryny (kanun munuň ýerlimi ýa halkara okuw jaýydygyny kesgitlemeýär) tamamlan adamlar Din baradaky Geňeşden rugsat alyp, din okadyp bilýär. Raýatlaryň dini ýekelikde ýa başga adamlar bilen birlikde öwrenmäge haklary bar; eýsem-de bolsa, kanun hususy şertde din öwretmegi gadagan edýär, bu işi edýän adamlara kanun tarapyndan jeza garaşýar. Käbir sünni metjitlerinde kadaly suratda Kur’an dersi berilýär.

Bellige alynmadyk dini toparlara we bellige alnan dini toparlaryň bellige alynmadyk şahamçalaryna din öwretmek gadagandyr. 2003-nji ýylda kabul edilen kanun Rus Ortodoks kilisesine Din baradaky Geňeşden rugsat almazdan we Prezident makullamazdan, din sapagyny öwredýän maksatnamalary amala aşyrmagy gadagan edýär. Emma Din baradaky Geňeşiň ýa-da Prezidentiň şular ýaly maksatnamany makullandygy barada hiç hili habar gelip gowuşmady. Çaganyň öýde bilim almagyna dini sebäplere görä däl-de, diňe onuň agyr keselli ýa kemisli bolan ýagdaýynda rugsat edilýär.

2004-nji ýylda hökümet kagyz ýüzünde çykyş wizasyny ýatyrmak bilen haja gitmek ýa dini sebäplere görä başga ýere sapar etmek isleýänleriň ählisine kagyz ýüzünde ýol açdy.

**Din azatlygynyň çäklendirilmegi**

Hökümet adatça din azatlygyna garşy bar bolan çäklendirmeleri amala aşyrýardy, ýöne hasabata degişli döwür içinde din azatlygyna hormat goýluşynyň ýagdaýynda biraz öňe gidişlikler-de boldy. Şeýle-de bolsa, hökümet wagtal-wagtal bellige alnan we alynmadyk toparlary ýanamagyny we olara haýbat atmagyny dowam etdirýärdi. Resmi taýdan hökümet diňe zorluga ündeýän ekstremist toparlary gadagan edýärdi, emma ol yslam dininiň taglymatyny has düýpli kabul edýän toparlary-da “ekstremist” hataryna goşupdy. Bellige alynmadyk dini toparlaryň iş alyp barmagy bikanunlygyna galýardy. Bu düzgüni bozana Administratiw jemkanun esasynda jerime edilýärdi. Eger-de kimdir biri rugsat edilmedik, bellige alynmadyk din bilen baglanşykly işe gatnaşýandyr diýlip, şübhelenilýän bolsa, onuň öýüniň dökülmegi, özüniň tussag edilmegi, dini materiallarynyň elinden alynmagy, paýyş sözler bilen kemsidilmegi, bikanun ýygnak geçirendigini boýun aldyrmak üçin zor salynmagy mümkindi.

Hasabata degişli döwür içinde bellige alynmak üçin arza beren dini toparlaryň azyndan dördüsi bellige alynman galýardy. “Ýaşaýyş nury” hristian kilisesiniň Abadan şäher bölümi 2007-nji ýylyň ýanwar aýynda bellige alynmak üçin ilkinji gezek arza beripdir, emma olaryň arzasyna

hasabata degişli döwrüň ahyrynda-da garalmandy. Türkmenbaşy şäherindäki “Durmuş kelamy” kilisesiniň bellige alynmak üçin beren arzasy grammatik ýalňyşlaryň bolmagy we ýeterlik agzasynyň ýokdugy sebäpli, 2007-nji ýylyň oktýabr aýynda inkär edilipdi, şonuň üçin-de bu topar 2008-nji ýylyň sentýabr aýynda täzeden arza beripdir. Daşoguzdaky Türkmen baptist kilisesi bellige alynmak üçin, 2006-njy ýylda degişli edaralara arza bilen ýüz tutupdyr, emma hasabata degişli döwrüň ahyrynda olaryň arzasyna garalmandy. Ýegowa şaýatlary 2008-nji ýylyň awgust aýynda bellige alynmak üçin arza beripdirler; olaryň arzasyna dekabr aýynda inkär jogaby gelipdir, bu topar 2009-njy ýylyň mart aýynda bellige alynmak üçin täzeden arza beripdir.

Ýurduň degişli hökümet edarasy tarapyndan bellige alnandan soň hem dini toparlar dini iş alyp barmak üçin, ýerli häkimiýetlerden-de rugsat almaly bolýarlar. Käbir toparlaryň şunuň ýaly rugsady almakda kynçylyk bilen ýüzbe-ýüz bolýandyklary barada habarlar gelip gowuşýardy. Mary welaýatynyň ýerli häkimiýetleri Krişna jemagatynyň wekillerine olaryň ýerli şahamçasyny bellige alyp bilmejekdiklerini aýdypdyrlar, eýsem-de bolsa Türkmenistanyň Adalat ministrligi olaryň bellige alnandygy baradaky resminamanyň güýjüniň tutuş ýurda degişlidigini tassyklapdyr. Bu topar bu meseläni Mary welaýatynyň resmi şahslary bilen çözmäge çalyşýardylar, emma hasabata degişli döwrüň ahyryna çenli rugsat alyp bilmediler.

Kanunyň “ýerli kiliseniň ýolbaşçysy Türkmenistanyň raýaty bolmaly” diýen talaby bilen ylalaşmaýandygy sebäpli, Rim Katolik kilisesi bellige alynman galýardy.

Käwagtlar bellige alnan azlyk dini toparlardan hökümet işgärleri tarapyndan ýanalma amala aşyrylýandygy barada habarlar gelip gowuşýardy. Bellige alnan toparlaryň şahamçalary kanun goraýjy edaralaryň welaýat we etrap bölümleri tarapyndan ýanalma sezewar edilýärdi. Hasabata degişli döwürden öňki döwürlerde bolşy ýaly, käbir toparlardan ýygnaklary we etjek işleri barada degişli hökümet edaralara yzygiderli habar berip durmaklary, şeýle hem bu ýygnaklara degişli hökümet işgärlerini çagyrmaklary netijesinde hökümet tarapyndan gysyşyň azalandygy barada habarlar gelip gowuşýardy.

Hökümet bellige alynmadyk dini toparlaryň ybadat jaýyny gurmak mümkinçiligini çäklendirdi; bu düzgüni bozan adama administratiw çäre görülýär. Ybadat jaýyny edinmekde we saklamakda bellige alnan toparlar-da kynçylyk bilen ýüzbe-ýüz bolýardylar; birnäçe topar administratiw päsgelçilikleri ýa maliýe serişdeleriniň ýoklugyny ýygnak geçirmek üçin zal kireýne almakda öz öňlerinde duran iň uly kynçylyk diýip hasaplaýardylar. Birnäçe topar ybadat jaýyny ýa hemişelik ybadathana gurmak üçin, ýer satyn alanyny gowy görýändigini aýdýardy, emma ýerli häkimiýetler ýeňip geçip bolmajak bürokratik päsgelçilikleri öňe sürýärdüler. Bellige alnan on sany azlyk dini topar köpçülikleýin ybadat jaýyny döretmegi başardy, olaryň bäşisi kireýne alyndy, ikisi diňe kilise maksatlary üçin ulanylýan ýaşaýyş jaý binasydy, üçüsi bolsa bu toparlaryň agzalarynyň hususy ýaşaýyş jaýydy. Hökümet hususy öýlerde ybadat etmek mümkinçiligini çäklendirýärdi. Hökümet bellige alynmadyk dini toparlaryň ýa bellige alnan dini toparlaryň bellige alynmadyk şahamçalarynyň köpçülikleýin ýa ikiçäk ýygnanyşmagyny gadagan edýär we bu gadaganlygy bozýan adamlara ýa toparlara jeza berip biler. Bellige alynmadyk käbir mezhepler assyrynlyk bilen, esasan-da hususy öýlerde, ybadat etmeklerini dowam etdirýärdiler.

Käbir dini toparlara hepdede bir gezek geçirilýän ybadatdan daşary okuw toparlary we seminarlar ýaly kilise ýygnaklaryny geçirmäge rugsat berilmändir.

Hökümet musulman okuwyna girişi-de göz astynda saklaýardy. Aşgabatdaky Türkmen Döwlet uniwersitetiniň taryh fakultetiniň ylahyýet bölümi ýurt boýunça musulman bilimini bermäge rugsat edilen ýeke-täk okuw jaýydy. 2007-nji ýylyň dekabr aýynda Din baradaky Geňeş ABŞ-nyň resmi adamlaryna Prezident Nyýazowyň bu fakulteti taryh fakulteti bilen birleşdirmek baradaky 2005-nji ýylda kabul eden kararynyň tersine gidip, täzeden aýry ylahyýet fakultetini açmagy göz öňünde tutýandygyny aýdypdyr. Hasabata degişli döwrüň ahyrynda bu fakultetiň dikeldilendigi barada hiç hili habar gelip gowuşmady.

Hökümet resmi suratda adamlaryň öz dini ynançlaryny we degişliliklerini üýtgetmeklerini çäklendirmeýärdi, emma bellige alynmadyk dini toparlaryň wagyz etmekde we dini materiallary ýaýratmakda günälenýän türkmen agzalaryna türkmen bolmadyklardan has zabun çemeleşilýärdi. Eýsem-de bolsa, bellige alnan iki topar hiç hili ýanama sezewar edilmezden, köpçülikde wagyz edendikleri barada habar berdiler. Azlyk dini toparlaryň käbir ýolbaşçylary köpçülikde tötänden edilen wagzyň medeni taýdan kän bir makullanmaýandygyny aýtdylar.

Rus asylly üç ýewreý hökümetde ýokary wezipäni eýeleýärdi, azyndan bir ministriň orunbasary Rus Ortodoks kilisesine degişlidi. Hasabata degişli döwür içinde ýokary ýa orta hökümet wezipelerinde beýleki azlyk dini toparlaryň ýekeje agzasynyň-da işleýändigi barada hiç hili maglumat ýokdy. Käbir azlyk dini toparlaryň agzalary ýurtdaky ýeke-täk syýasy partiýanyň agzasydy, emma syýasy yzarlanmadan çekinýändikleri sebäpli, öz ynanjy barada açyk aýdyp bilmeýärdiler.

Hökümet azlyk dini toparlary gözegçilik astynda saklaýar. Kanun boýunça ýurtda daşary ýurt missionerleriň iş alyp barmagy gadagan, eýsem-de bolsa, dürli keşp astynda işleýän hem hristianlar, hem musulmanlar dini wagyz alyp barýandygy mälimdir. 2003-nji ýylda kabul edilen Din baradaky kanun dini toparlaryň daşary ýurtlardan alýan ähli maliýe we maddy ýardamlary barada hasabat bermegini göz öňünde tutýar. Hökümet missionerçilik işini alyp barmakda şübhelenilýän ýa alyp barmak niýeti bardyr öýdülýän adamlara wiza bermekden boýun towlaýar.

Kanun boýunça dini edebiýaty neşir etmek gadagandyr. Bu bolsa ýurtda Kur’anyň, Injiliň we beýleki dini edebiýatlaryň ýetmezçiligine alyp barýar. Mukaddes dini kitaplar satyşda seýrek tapylýar. Aslynda, Din baradaky Geňeş daşary ýurtdan getirilýän dini kitaplary tassyklamalydyr. Din badaraky Geňeşiň hemme agzalarynyň hökümet edaralarynyň işgärleri, sünni musulmanlar ýa-da Rus Ortodoks kilisesiniň agzalary bolandygy, azlyk dini toparlaryň bolsa Din baradaky Geňeşde agzalarynyň ýokdugy sebäpli, daşary ýurtdan dini edebiýat getirmek işinde özleriniň amatsyz ýagdaýda galýandyklaryny aýtdylar. Din baradaky Geňeş ýurda getiriljek edebiýatlary makullanda-da, getirilýän kitaplaryň sany bellige alnan toparyň agza sanyndan köp bolmaly däldir. Habar berişlerine görä, ähli dini toparlara daşary ýurt dini neşirlere ýazylmak-da gadagandyr. Mysal üçin, Türkmenistandaky Rus Ortodoks kilisesi Moskwa patriarhatynyň žurnalyny ýa ROK-uň başga neşirlerini alyp bilmeýär. Din baradaky Geňeşiň Daşoguzdaky bölümi resmi suratda ulanylmagy üçin, ähli dini edebiýatlary, şol sanda Kur’andyr Injili-de möhürläp çykmalydygyny aýdypdyr. Eýsem-de bolsa, 2009-njy ýylda ilkinji gezek, bolmanda, bir bellige alnan topar ulanmak üçin ýeterlik mukdarda dini edebiýat getirmekde hiç hili

kynçylyk çekmändigini habar berdi. Käbir toparlar çap edilýän materiallary internetden alyp bolýandygy barada habar berdiler. Bellige alnan we alynmadyk käbir toparlar özlerine gerek edebiýaty gizlinlikde ýeterlik derejede getirmegi başarandyklaryny aýtdylar; eýsem-de bolsa, olar bu işiň howply işdigini-de belleýärdiler. Türkiýe Respublikasynyň bu ýerde ýaşaýan käbir raýatlary özleri üçin getiren Kur’anlaryny howa menzilinde ellerinden alandyklary barada bize habar berdiler.

Öňki hasabata degişli döwürdäki ýaly, hökümetiň Nyýazowyň “Ruhnama” we “Ruhnama II” kitaplaryny öwretmek babatyndaky tagallalary ep-esli derejede peseldi.

Öňki döwürlerden tapawutlylykda dini okuw ýa dini konferensiýalara gatnaşmak maksady bilen amala aşyrylýan saparlaryň çäklendirilendigi barada hiç hili maglumat gelip gowuşmady.

Hökümet bu ýurda berilýän 4600 adamlyk kwotadan hut Prezidentiň özüniň tassyklan 188 adamyň (bir uçar ýüki) haj ybadatyny maliýeleşdirýär. “Türkmenhowaýollary” milli uçarçylyk şereketi hajylary Mekkä mugt eltip-getirýär. Hökümet bu sanawa girmedik başga hajylaryň öz hasabyna haja gidip bilýändigini aýtdy. Iki uçar doly adamyň Mekkä öz hasabyna gidendigi barada tassyklanmadyk maglumatlar gelip gowuşdy.

Bellige alnan we alynmadyk dini toparlaryň käbir daşary ýurtly agzalaryna ýurda giriş wizasy berilmezligi dowam edýärdi. Eýsem-de bolsa, 2009-njy ýylyň aprel aýynda bellige alnan bir azlyk topar daşary ýurtly bir dini ýolbaşçynyň bu topar üçin dini ybadaty alyp barmagy üçin, ýurda gelmegine rugsat alypdyr.

Bellige alnan birnäçe azlyk dini topar ýygnaklaryna gatnaşmak arkaly hökümetiň olary gözegçilik astynda saklaýandygyny habar berdi; muňa garamazdan, bu toparlar kadaly ýagdaýda işlerini dowam etdirýärdiler. Içeri işler ministrliginiň guramaçylykly jenaýata we terrorçylyga garşy göreş alyp barmak wezipesi bolan altynjy bölüminiň işgärleri dini azlyk toparlaryň işlerini gözegçilik astynda saklaýardylar.

Hökümet iş üpjünçiligi babatynda-da dini toparlaryň agzalaryny diskriminatsiya etmegini dowam etdirýärdi.

## Din azatlygynyň bozulmagy

Bellige alnan we alynmadyk azlyk dini toparlara garşy ýaramaz çemeleşilmegi hasabata degişli döwür içinde ep-esli azaldy. Eýsem-de bolsa, bu toparlaryň agzalarynyň tutulmagy, sorag edilmegi, habar berişlerine görä, urlup-ýenjilmegi, dini düşünjesine görä harby gullukdan boýun towlaýanlaryň tussag edilmegi, dini materiallaryň ellerinden alynmagy we basgynlaryň amala aşyrylmagy bolup geçýärdi.

Ýegowa şaýatlarynyň habar bermeklerine görä 2009-njy ýylyň maý aýynyň altysynda Türkmenabat şäheriniň polisiýa işgäri “Ýegowa şaýatlary” guramasynyň agzasy Kasym Joraýewi ýenjipdir we kemsidipdir. Soň Joraýewiň ejesi şikaýat bilen ýerli prokuratura ýüz tutupdyr. Prokuror polisiýa işgärini çagyryp, oňa takmynan 540 $ (8 million manat) möçberinde

jerime salypdyr. Bu hasabata degişli döwür içinde amala aşyrylan fiziki zorluk barada gelip gowşan ýeke-täk habardyr.

Öňki hasabata degişli döwür içinde amala aşyrylan, emma bize habar berilmedik ýene bir ýençme 2008-nji ýylyň iýun aýynyň 19-ynda üç sany Ýegowa şaýady Türkmenabada gaýtmak üçin, otla garaşyp durkalar, Aşgabat demir ýol menzilinde polisiýa işgärleri tarapyndan tutulanlarynda, bolup geçipdir. Polisiýa işgärleri olaryň goşlaryny döküp, dini edebiýatlary tapypdyrlar. Soň polisiýa işgärleri olary başga bir polisiýa bölümine alyp gidipdirler we ýazmaça düşündiriş almak üçin, gysyş görkezenlerinde, oňa garşylyk bildiren birini urupdyrlar. Polisiýa işgärleri bu üç adamy wideo surata düşürenden soň göýberipdir.

Öň tussag edilen krişnaçy Çeper Annanyýazowa 2006-njy ýylda günä geçişlige düşeli bäri azatlykdady. “Hare Krişna” guramasy hökümet bilen gatnaşygynyň biraz gowulaşandygy barada habar berdi.

Mundan öňki hasabat döwründe 2008-nji ýylyň iýun aýynyň 19-ynda bolup geçen wakadan başga-da Balkanabat şäheriniň polisiýa işgärleri dört sany Ýegowa şaýadyny ýenjipdir, Türkmenbaşy şäheriniň polisiýa işgärleri bolsa “Durmuş kelamy” kilisesiniň ruhanysyň kellesine urupdyrlar. Gelip gowşan bir habara görä, 2007-nji ýylda Türkmenabat şäherinde polisiýa işgärleri “Ýegowa şaýatlary” guramasynyň bir aýal agzasyny jynsy gatnaşyga mejbur etmäge synanyşypdyrlar.

Bellige alynmadyk azlyk dini toparlaryň agzalaryny polisiýa tutanda, sorag edende, häkimiýetler şol ýerdäki adamlaryň ählisini wideo almak; atlaryny, salgylaryny we iş ýerlerini ýazyp almak; jerimedir tussag etmek bilen haýbat atmak we dini edebiýatlaryny ellerinden almak ýaly ýagdaýlary öz içine alýan birnäçe hereketler edipdirler. Ýurda bikanun girmeklikde aýyplanan Kalataýew bilen Potolowyň 2007-nji ýylda bolup geçen işinden başga möhletinden artyk tussaglykda saklanýanlar barada hiç hili habar gelip gowuşmady. Bu baptist pastorlarynyň ikisi-de 2007-nji ýylda türmeden boşadylyp, ýurtdan çykaryldy.

Hasabata degişli döwür içinde tussag astyna almak, sorag etmek we emlägiň eýesiniň elinden alynmagy barada bäş gezek habar gelip gowuşdy. 2009-njy ýylyň iýun aýynyň 19-ynda Aşgabatda köçeden ýöräp barýarkalar, polisiýa işgärleri “Ýegowa şaýatlary” guramasynyň iki sany aýal agzasyny – Wera Nazarowa bilen Lýubow Hojamyradowany – alyp gidipdirler. Olaryň şol wagt wagyz edip-etmändikleri belli däl. Häkimiýetler olary bir gije saklamaly ýerde sekiz gün saklapdyrlar. Tutulanlaryň biriniň ejesi polisiýadan gyzynyň nirededigini soranda, olar Milli howpsuzlyk ministrliginden soramalydygyny duýdurypdyrlar. Ol ýerde bolsa bir işgär ol aýala gyzyny boşatmagyň şerti hökmünde diýen zadyny ýazmalydygyny aýdypdyr. Ol aýal muny etmekden boýun towlanda, MHM-niň işgäri oňa tussag etmek bilen haýbat atypdyr. Onda gyzyň ejesi gyssagly suratda ol ýerden çykyp, ýerli prokuratura ýüz tutupdyr. Ol ýeriň işgärleri bu waka barada hiç zat bilmeýändiklerini, şonuň üçin-de hiç zat edip bilmejekdiklerini aýdypdyrlar. Ahyrsoňy, gyzlar boşadylanda, ol aýala jerime salypdyrlar, emma ol jerimäni tölemekden boýun towlapdyr.

2009-njy ýylyň mart aýynyň ahyrlarynda polisiýa işgärleri iki sany Ýegowa şaýadyny Aşgabadyň jemgyýetçilik ýerinde tutup, ymam we Din edarasynyň işgärleri bilen duşuşdyrmaga

getiripdirler. Polisiýa dini edebiýaty olaryň ellerinden alypdyr. Bir sagada çeken çekişmeden soň olary goýberipdirler.

2009-njy ýylyň mart aýynyň 24-ünde polisiýa işgärleri “Ýegowa şaýatlary” guramasynyň bir agzasyny zor bilen öýünden çykaryp, şäher häkimligine äkidipdirler. Ol ýerde Milli howpsuzlyk ministrliginiň bir işgäri, ymam we Din edarasynyň işgärleri onuň bilen söhbetdeş bolupdyrlar, ondan soň ol adamy goýberipdirler.

2009-njy ýylyň mart aýynyň 9-ynda ýerli häkimiýetler Ýegowa şaýady Döwran Kuşmanowyň öýüne girip, onuň kompýuterini we dini neşirlerini alyp gidipdirler. Häkimiýetler ony welaýat häkimligine getirip, söhbetdeş bolupdyrlar, soňam goýberipdirler. Bu wakanyň yzysüre, ýagny aprel aýynyň 22-sinde harby gullukdan boýun towlaýandygy sebäpli, kazyýet Kuşmanowy şertli ýagdaýda iki ýyl azatlykdan mahrum edipdir.

2008-nji ýylyň awgust aýynyň 30-ynda dindeş ýoldaşlarynyň öýünden çykyp barýarkalar, polisiýa Ýegowa şaýatlary Aleksandr Zorini we Çary Taganowy tutupdyr. Olar öý eýesini we onuň Daşoguzdan gelen myhmanlaryny polisiýa bölümine eltip, sorag edipdir we olaryň kiselerini döküpdir. Häkimiýetler bikanun ýygnak geçirendiklerini boýun aldyrjak bolup, Ýegowa şaýatlaryna gysyş görkezipdirler. Dört sagat saklanlaryndan soň, polisiýa işgärleri olaryň Injillerini ellerinden alyp, özlerini bolsa goýberipdirler. Bu wakalar mundan öňki hasabat döwründe bolup geçen wakalara meňzeşdir. 2007-nji ýylyň aprel aýynda-da Daşoguz we Aşgabat şäheriniň polisiýa işgärleri üç gezek Ýegowa şaýatlarynyň ellerinden Injillerini alyp, özlerini-de şäher häkimligine eltip, sorag edipdiler, jerime salypdylar, soňam goýberipdiler. Netijede, şol tutulan aýallaryň biri, habar berişlerine görä Milli howpsuzlyk ministriniň buýrugy boýunça işinden mahrum edilipdi.

Bu ýurtda dini ynanjyna görä harby gullukdan boýun towlaýan adamlara alternatiw gulluk teklip edilmeýändigi sebäpli, “Ýegowa şaýatlary” guramasynyň ýaş agzalary köplenç ýagdaýda harby gullukdan boýun towlaýarlar. Şeýle-de bolsa, olaryň habar bermegine görä, kazyýetler galapyn ýagdaýda olary harby gullukdan boýun towlaýandyklary üçin, türme tussaglygyna höküm etmeýärler (aşakdaky kadadan çykma seret), käwagtlar bolsa Prezident olaryň günäsini geçýär. Kazyýetler adatça şertli höküm çykarýarlar, şunuň ýaly höküm her hepde ýerli polisiýa bölüminde özüňi belletmegi göz öňünde tutýar.

2009-njy ýylyň maý aýynyň 24-ünde Dini düşünjesine görä harby gullukdan boýun gaçyrandyklary sebäpli, häkimiýetler Türkmenbaşy şäherinde “Ýegowa şaýatlary” guramasynyň agzasy bolan doganlar Sähetmyrat we Muhammetmyrat Annamämmedowlary tussag etdiler. 2008-nji ýylyň noýabr aýynda Serdar şäheriniň kazyýeti olary şertli ýagdaýda iki ýyl möhleti bilen azatlykdan mahrum edipdi (bu ýagdaýda höküm edilen tussag edilmän, her hepde degişli edarada bellige durýar). Eýsem-de bolsa, 2009-njy ýylyň maý aýynyň 21-inde häkimiýetler “doganlar Annamämmedowlar öz düşünjelerini üýtgetmändirler, şonuň üçin-de indi olar iki ýyl türme tussaglygyna höküm edilmeli” diýen pikir bilen garaşylmadyk ýagdaýda kazyýet diňleýişligini geçirdiler. Höküm edilenleriň şikaýaty esasynda iýun aýynyň 30-ynda ikilenç bolup geçen kazyýet işi aşaky kazyýetiň kararyny dogry tapdy, netijede hasabata degişli döwrüň ahyrynda olar türmedediler.

2009-njy ýylyň aprel aýynyň 20-sinde we 22-sinde Daşoguz şäher kazyýeti tarapyndan hökmany harby gullukdan boýun towlan “Ýegowa şaýatlary” guramasynyň iki agzasy Döwran Kuşmanow we Zafar Abdullaýewiň jenaýat işine garalyp, olar şertli ýagdaýda iki ýyl möhleti bilen azatlykdan mahrum edildi.
Olary her hepdede şäher polisiýa bölümine baryp, bellenip gaýtmaga borçly etdiler.

Hasabata degişli döwrüň ahyrlarynda Prezident Aşyrgeldiýew bilen Şahmyradowyň günäsini geçmändi. Bular dini ynançlaryna görä harby gullukdan boýun gaçyrandyklary sebäpli, 2007-nji ýylyň iýyl aýynda kazyýet tarapyndan 18 aý möhleti bilen şertli ýagdaýda azatlykdan mahrum edilen dört Ýegowa şaýadynyň ikisidi. 2007-nji ýylyň oktýabr aýynda kazyýet bu dört Ýegowa şaýadynyň ikisiniň günäsini geçipdi.

Geçen hasabatlara degişli döwürlerde ynanjyna görä harby gullukdan boýun towlaýandygyny sebäpli dälde, dini ynanjy üçin tutulanlar türme tussaglygyna höküm edilýärdiler.

Giň halk köpçüliginiň hormatyna mynasyp bolan müfti Nasrulla Ibn Ibadulla 2007-nji ýylyň awgust aýynda günäsi geçilenden soň, Din baradaky Geňeşinde geňeşçi bolup işlemegini dowam etdirýärdi.

Hasabatda görkezilişi ýaly, tussag astyna alma, tussag etme we ýokarda agzalan emlägiň adamlaryň ellerinden alynmagy, şeýle hem basgynlar dowam edýärdi, ýöne indi olaryň sany öňki hasabatlara degişli döwürlerdäki ýaly däldi.

2009-njy ýylyň mart aýynyň 29-ynda garyndaşlary we dost-ýarlary ýygnanyşan mahaly ýerli häkimiýetler Şirinjan Bazarowanyň öýüne basgyn amala aşyryp, ol ýerdäkileriň ähli adamlary polisiýa bölümine eltipdirler we Bazarowanyň öýünde ýygnanyşmaklarynyň sebäbini sorapdyrlar. Üç sagatdan soň olary goýberipdirler.

Mundan öňki hasabata degişli döwür içinde, 2008-nji ýylyň iýun aýynyň 15-inde bolup geçen, emma habar berilmedik bir basgynyň dowamynda ýerli häkimiýetiň bäş işgäri, şol sanda ymam, Din baradaky Geňeşiniň ýerli işgäri we polisiýa işgärleri Türkmenbaşy şäherinde Ýegowa şaýatlarynyň hususy öýde geçirýän ýygnagyny dargadypdyrlar. Habar berişlerine görä, hökümet işgärleri olary soraga tutupdyrlar, öýi döküpdirler we haýbat atypdyrlar, şeýle hem öý eýesiniň hem gelenleriň adyna paýyş sözler aýdypdyrlar.

2008-nji ýylda Aşgabatda “Beýik merhemet” protestant kilisesine, 2007-nji ýylda Balkanabatda Baptist kilisesine, Türkmenbaşydaky bellige alnan Ýewangelik baptist kilisesine, Daşoguzdaky “Gündogar ýalkymy” Pentekostal kilisesine we Abadan şäherinde bellige alynmadyk bir dini topara edilen basgynlar ýaly mundan öňki hasabatlara degişli döwürler içinde bolup geçen basgynlar babatyndaky habarlara hiç hili düzedişler girizilmedi.

Öňki hasabatlara degişli döwürlerden tapawutlylykda Ýegowa şaýatlaryny yzarlama we ýanama ýagdaýlary üzňeleşdirilipdir we adatça ýerli häkimiýetleriň ýa polisiýanyň olary polisiýa bölüminde ýa başga bir administratiw jaýda gysga wagtlyk saklamagy, sorag etmegi ýa sözde kemsitmegi bilen çäklenipdir. Ýegowa şaýatlary hasabata degişli geçen iki döwür içinde birnäçe gezek ýanama, tussag etme, azar berme ýaly ýagdaýlaryň bolup geçendigi barada habar berdiler.

Mysal hökmünde bu guramanyň agzalaryna 2007-nji ýylyň mart-aprel aýlarynda ýedi gezek azar berlendigini, şolaryň ikisinde olaryň işlerinden mahrum bolandyklaryny aýtmak bolar.

Hasabata degişli döwür içinde hökümet dine degişli hiç binany ýykmady, emma Nyýazow döwründe ýykylan binalaryň öwezini dolmak üçin-de hiç hili çäre görülmedi.

## Zor bilen dinden dändermek

Zor bilen dininden dänderilen adamlar, şol sanda ogurlanan ýa bikanun ýol bilen ABŞ-dan çykarylanýa ABŞ-a gaýdyp barmagyna rugsat berilmedik kämillik yaşyna ýetmedik ABŞ-nyñ raýatlary barada hiç hili maglumat gelip gowuşmady.

## Din azatlygy babatyndaky özgerişlikler we ösüşler

Bellige alnan azlyk dini toparlar adatça ýanama derejesiniň peselýändigi barada habar berýärdiler. Bellige alynmadyk bir toparyň ýolbaşçysy toparynyň agzalarynyň kiçi-kiçi toparlara bölünip, hususy ýaşaýyş jaýlarda ýygnanyşýandyklaryny, emma öňküler ýaly polisiýanyň basgynyna sezewar bolmaýandyklaryny ýa jerime tölemäge mejbur edilmeýändiklerini aýtdy.

Mundan öňki hasabata degişli döwürde bolşy ýaly, şu hasabata degişli döwür içinde-de hökümet hiç bir metjidi ýykmady. Hökümet her welaýat merkezinde bir uly metjidiň, şeýle hem birgiden obalarda we şäherçelerde kiçiräk metjitleriň gurluşygyna başlady.

Türkmenistanyň hökümetiniň çakylygy boýunça Birleşen Milletler Guramasynyň Ynsan hukuklary boýunça geňeşiniň Din we ynanç azatlygy boýunça ýörite hasabatçysy Asma Jahangir 2008-nji ýylyň sentýabr aýynyň 4-ünden 10-una çenli bu ýurtda saparda boldy. Ýörite hasabatçynyň aýtmagyna görä sapar döwründe hökümet onuň bilen giňden hyzmatdaşlyk edipdir. Netijede ol hasaba alnan we alynmadyk birnäçe dini jemagatyň agzalary bilen duşuşyp, ilkinji çeşmelerden maglumat alyp bilipdir.

Hökümet käbir dini toparlara daşary ýurtdan gelýän myhmanlary kabul etmäge rugsat beripdir. 2009-njy ýylyň aprel aýynda Täze apostol kilisesi ilkinji gezek ýewropaly kilise ýolbaşçysynyň ýurda gelmegi üçin rugsat alyp bilipdir.

Iki sany azlyk dini topar agzalarynyň “köçe ýewangelizmi” görnüşinde wagyz edip bilendiklerini, bu işde olara häkimiýetleriň hiç hili päsgel bermändigini barada habar berdiler.

## III. bölüm. Din azatlygyna jemgyýetde hormat goýluşy

Raýatlaryň dini degişliligine ýa ybadat görnüşine baglylykda umumy jemgyýet tarapyndan ýanama ýa süteme sezewar edilýändigi barada hiç hili habar gelip gowuşmady. Hökümet Din baradaky Geňeşiniň üsti bilen musulmanlar bilen rus Ortodoks hristianlardan başga dinleriň arasynda düşünişmegini ýa gepleşigi ýola goýmak üçin, diýseñ az iş etdi. Azlyk dini toparlaryň

hökümet tarapyndan yzarlanmagy taglymat aýratynlygyny ýa köplük musulmanlar bilen azlyk dini toparlaryň arasyndaky jemgyýetçilik dartgynlylygy aňlatmaýardy. Tersine, bu hökümetiň halk köpçüligine öň belli bolmadyk täze dini toparlaryň ýaýramagy döwlet gözegçiligini gowşatmagyndan, , raýatlaryň gozgalaňa düşmeginden, daşary ýurtlaryň bähbidiniň ýerliksiz täsiriniň ýüze çykmagyna we hökümetiň durnuksyzlaşmagyndan alada galýandygyny aňlatdy.

Musulmanlaryň köpüsi yzygiderli ýagdaýda metjide gatnamaýarlar; eýsem-de bolsa, ilatyň aglaba köplügi özüni "musulman" hasap edýär, şonuň üçin-de bu ýerde "türkmen" diýmek "musulman" diýmegi aňladýar (türkmenler adamyň doglan etnik we dini gurşawyna baglylykda onuň dinini kesgitleýärler). Bu däpden daşlaşýanlara halk ýüz bermeýär ýa-da asla ýazgarýar. Yslam diniden başga dine geçen türkmenlere şübheli garalyp, olardan gaça durulýar.

Hasabata degişli döwür içinde anti-semit hereketler ýa uly bolmadyk ýewreý jemagatyna azar berlendigi barada hiç hili habar gelip gowuşmady.

Düýbi daşary ýurtda bolan dini toparlara jemgyýet ynamsyzlyk bilen garaýar we halk arasynda "daşary ýurtdan gelýän" yslamçylar wähäbiler' diýen düşünje bar.

## IV. bölüm. ABŞ-nyň hökümetiniň syýasaty

ABŞ-nyň hökümeti din azatlygyny özüniň ynsan hukuklaryny durmuşa geçirmek boýunça umumy syýasatynyň bir bölegi hökmünde Türkmenistanyň hökümeti bilen ara alyp maslahatlaşýar we bu ýurduň daşary işler ministrligi hem Din baradaky Geňeşi bilen duşuşyklarynda dini toparlaryň bellige alynman galmagynyň sebäpleri baradaky meseläni galdyrýar.

Din azatlygyna has köp hormat goýulmagyny gazanmak we dindarlaryň ýanalmagynyň öňüni almak maksady bilen ABŞ-nyň Türkmenistandaky ilçihanasynyň işgärleri hasabata degişli döwür içinde Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň we BMG-nyň Aşgabatdaky bölüminiň işgärleri, şeýle hem beýleki diplomatik wekilhanalar bilen yzygiderli suratda duşuşyk geçirdiler.

Bellige alnan we alynmadyk dini toparlaryň ýagdaýyna gözegçilik etmek, ýanamalar baradaky habarlary almak we hökümet edaralarynda olaryň meselelerini galdyrmak üçin, çäreleri ara alyp maslahatlaşmak maksady bilen ABŞ-nyň Türkmenistandaky ilçihanasynyň işgärleri bu toparlaryň wekilleri bilen kadaly ýagdaýda duşuşýardylar. Geçmişde eden kömekleri, şeýle hem ýurtda dini toparlaryň ýagdaýynyň häzirki wagtda gowulaşandygy sebäpli, bu toparlaryň agzalary ilçihananyň işgärleri bilen duşuşmaga diýseň höwesekdirler.